# KÄR HÄSIÝETNAMASY

**Hünär:** 4.34.05.17 Oba hojalygyny mehanizmleşdirmek
**Kär:** inžener-mehanik

Şu kär häsiýetnamasy Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde Oba hojalygyny mehanizmleşdirmek hünäri boýunça taýýarlanylýan inžener-mehanikleriň wezipelerini hem-de olaryň hünärine bildirilýän esasy talaplary kesgitleýär.

Kär häsiýetnamasy hünärmenleri taýýarlamagyň meýilnamasyny işläp düzmek, taýýarlanylmaly hünärmenleriň sanyny çaklamak, olaryň düzümini delillendirmek, ýokary okuw mekdebinde okuw-terbiýeçilik işlerini guramak, okuwyny tamamlan uçurymlaryň işlemeli ýerlerine ugradylyşyny, işe ýerleşdirilişini üpjün etmek we olaryň ýerine ýetirýän wezipeleriniň hünärlerine laýyklygyny seljermek üçin ulanylmalydyr.

## Hünärmeniň wezipesi

Hünärmen oba hojalyk önümçiligini dolandyrmak işini ýokary okuw mekdebinde alan bilim derejesine laýyklykda amala aşyrmak üçin taýýarlanylýar. Oba hojalygyny mehanizmleşdirmek hünäri boýunça hünärmen hünär işiniň aşakdaky wezipeleriniň çözgüdine taýýar bolmalydyr: hojalygyň maşyn-traktor parkynyň düzümini we gurluşyny, onuň abatlaýyş, tehniki hyzmat esasyny kesgitlemäge; maşyn-traktor parkynyň we beýleki tehnologiki enjamlaryň işlemek kadalaryny, tehniki hyzmat kadasynyň tehniki esaslandyrmalaryny işläp düzmäge; material harajatlaryň kadalaryny kesgitlemäge; tehnologiki işleri mehanizmleşdirmekde täze serişdeleri ulanmagyň ykdysady netijeliligini kesgitlemäge; maşynlaryň we tehnologiki enjamlaryň tehnologiki düzgünleriniň berjaý edilişine, talabalaýyk ulanylyşyna gözegçiligi amala aşyrmaga; önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmaga, sarp edilýän serişdeleri azaltmaga, zähmet sarp edilişini we energiýa sygymyny peseltmäge, zähmet öndürjiligini ýokarlandyrmaga gönükdirilen çäreleri işläp düzmäge we ulanmaga; tehnologiki işleriň mehanizasiýasy ýerine ýetirlende ösümlikçilik we maldarçylyk tehnologiýalarynyň talaplaryň bozulmagynyň sebäplerini anyklamaga, olaryň öňüni almak boýunça çäreleri işläp düzmäge; maşynlary we enjamlary tehniki diagnostirlemegiň usullaryny we serişdelerini işläp düzmäge we ulanmaga; ylmy-barlaglary geçirmäge we tehniki oýlap tapyşlary ýerine ýetirmäge; maşynlaryň we enjamlaryň ygtybarlylygy, ekologiki we tehniki howpsuzlyk görkezijileri boýunça stend we meýdan synaglaryny geçirmegiň serişdelerini taslamaga; ätiýaçlyk şaýlary,

materiallary, enjamlary almak üçin meýilnamalary, smetalary we buýurmalary resmileşdirmek üçin başlangyç maglumatlary toplamaga; taslama we işçi tehniki resminamalary işläp düzmäge, tamamlanan ylmy-barlag we taslama-konstruktor işlerini taýýarlamaga; işlenip düzülen tehniki çözgütleri we taslamalary önümçilige ornaşdyrmaga, obýektleri, taslanylan enjamy synag etmäge we önümçilige goýbermäge, enjamy taýýarlamakda baş gözegçiligi we tehniki ýardamy bermäge; ýörite edebiýatlary we beýleki ylmy-tehniki maglumatlary, oba hojalygynyň inženerçilik pudagynda ýerli we daşary ýurt ylmynyň we tehnikanyň ýeten sepgitlerini yzygiderli öwrenmäge; maglumatlar toplumyny, şeýle hem resenziýalary, synlary we tehniki reminalaryň netijenamalaryny taýýarlamaga; oba hojalygynda tehnologiki işleriň amatly ýagdaýyny kesgitlemek boýunça hasaplamalary, şeýle hem könelen detallary dikeltmek, berkitmek işleri geçirmäge.

Hünärmen oba hojalyk toplumyna degişli bolan ministrliklerde, pudaklarda, daşary ýurt kompaniýalarynyň bilelikdäki birleşmelerinde, daýhan birleşiklerde, daýhan hojalyklarda, kiçi kärhanalarda, ylmy-barlag edaralarynda ýokary bilimli hünärmenlere niýetlenen wezipeleri eýeläp biler.

## Hünärmene bildirilýän umumy talaplar

Hünärmen ýokary hünär taýýarlykly, medeniýetli we salyhatly, halkyň bähbidini arap bilýän, Watanymyza, halkymyza, Hormatly Prezidentimize wepaly, häzirki zaman türkmen jemgyýetiniň talaplaryna, Türkmenistanyň Prezidentiniň syýasatlaryna dogry düşünýän we olary gyşarnyksyz durmuşa geçirip bilýän hünärmen bolmalydyr.

Hünärmen köpçülige ýolbaşçylyk etmegi, öz işgärlerini agzybirlik, maksada okgunlylyk ruhunda terbiýelemegi, nazary bilimini we tejribelik endiklerini yzygiderli hem-de üznüksiz kämilleşdirmegi, öz taýýarlyk ugry boýunça toplan ylmy maglumatlaryna düşünip, olary işinde ulanmagy, zähmeti ylmy nukdaýnazarda guramagy başarmalydyr.

Hünärmen ýokary okuw mekdebinde alan bilimini, ylmyny we tejribe taýdan taýýarlygyny yzygiderli ösdürip, kärini kämil bilmelidir, syýasy-jemgyýetçilik pikirini çuňlaşdyrmak bilen zähmeti ylmy taýdan guramak ýörelgesini önümçilikde ulanmagy başarmalydyr, işgärler toparyna ýolbaşçylyk etmegiň häzirki zaman usullaryna, şeýle hem işgärleriň arasynda syýasy-terbiýeçilik işlerini alyp barmagyň tärlerine eýe bolmalydyr.

## Hünärmen şu aşakdakylary bilmelidir:

- önümçilik-tehnologiki işlerini;
- guramaçylyk-dolandyryş işlerini;
- synag-gözleg işlerini;

- taslama-tehnologiki işleri.

**Hünärmen şu aşakdakylary başarmalydyr:**

- nazary we amaly meseleleri çözmekde ylmy-nazary bilimlerini peýdalanmagy;
- ulgamlaýyn we deňeşdirme seljermegi;
- derňew endiklerini bilmegi;
- özbaşdak işlemegi;
- täze pikirleri döretmegi;
- meseleleri çözmekde dersara çemeleşmelere eýe bolmagy;
- maglumatlary dolandyryş, kompýuter bilen işlemek, tehniki enjamlardan baş çykarmak bilen baglanyşykly endiklere eýe bolmagy;
- dil we hat kommunikasiýalaryň ukyplaryna eýe bolmagy;
- dowamly okap, öz başarnyklaryny ýokarlandyrmagy;
- tebigy-ylmy dersleriň esasy kanunlaryny öz kär işinde ulanmagy;
- kompýuter tehnikasyny ulanmak bilen maglumat almagyň, ony saklamagyň, gaýtadan işläp bejermegiň esasy usullaryna we serişdelerine eýe bolmagy;
- önümçilik işgärlerini we ilaty tebigy betbagtçylyklaryň hem-de adatdan daşary ýagdaýlaryň mümkin bolan netijelerinden goramagyň esasy usullaryny amala aşyrmagy;
- ykdysady nazaryýetiň esasy düzgünlerinden baş çykaryp bilmegi, olary bazar ykdysadyýetini hasaba almak bilen ulanmagy;
- raýatlyk häsiýetine eýe bolmagy;
- sosial ylalaşyga ukyply bolmagy;
- şahslar bilen özara aragatnaşygy ýola goýup bilmegi;
- saglygy goraýyş ukybyna eýe bolmagy;
- tankyda we öz-özüňe tankyda ukyply bolmagy;
- medeni gymmatlyklardan we ýörelgelerden ýerlikli peýdalanmagy;
- ekerançylyk we maldarçylyk önümlerini öndürmekde, saklamakda, daşamakda we gaýtadan işlemekde peýdalanylýan tehnologiki enjamlaryň, oba hojalyk tehnikalarynyň ýokary netijeli ulanylmagyny guramagy;
- maşynlaryň we enjamlaryň hemişelik işe ukyplylygyny üpjün etmek üçin onuň şaýlaryny bejermekde we dikeltmekde, tehniki hyzmatda häzirki zaman tehnologiýalaryny ulanmagy;
- tehnologiki işlerde materiallaryň, enjamlaryň yzygiderliligini we kesgitleniş meýilnamasynyň görkezijilerini netijeli ulanmagy;
- oba hojalyk önümlerini öndürmekde we gaýtadan işlemekde ulanylýan oba hojalyk tehnikalarynda, elektrik enjamlarynda we awtomatlaşdyryş serişdelerinde

standartlaşdyrmak we sertifikatlaşdyrmak boýunça synaglary geçirmegi;

- oba hojalyk önümlerini öndürmek, saklamak we gaýtadan işlemek üçin onuň hilini baha berýän esasy ölçeg serişdeleriniň metrologiki barlaglaryny amala aşyrmagy;
- oba hojalyk tehnologiki işleriň elektrikleşdirilen we awtomatlaşdyrylan, janly biologiki obýektler bilen göniden-göni galtaşýan maşynlaryň we gurnawlaryň tehnologiki görkezijilerini we iş ýagdaýyny ýola goýmagy we üpjün etmegi;
- oba hojalyk kärhanasynda enjamlary, awtomatiki serişdeleri we energetiki gurnawlary gurnamak, ulanmak we ýola goýmak bilen baglanyşykly tehniki resminamalary ýöretmegi;
- oba hojalyk önümlerini saklamak we gaýtadan işlemek üçin serişde tygşytlaýjy maşyn tehnologiýasy esasynda önümçiligi guramagy;
- maşynlaryň, mehanizmleriň we tehnologik enjamlaryň ýokary iş ukyplylygyny üpjün etmegi;
- işgärler toparynyň işini guramagy, dolandyryş çözgütlerini kabul etmegi;
- oba hojalyk önümlerini saklamakda we gaýtadan işlemekde önümçilik işleriniň hiline tehniki gözegçiligi, ölçegleri we dolandyryşy amala aşyrmagy;
- synag geçirmegiň häzirki zaman usullaryny we gözleg serişdelerini ulanmak arkaly obýektleriň ýagdaýyna we dinamiki görkezijileriniň hiline baha bermegi;
- maşynlaryň we olaryň işçi abzallarynyň gurluşyny kämilleşdirmegi, tehniki serişdeleriň ulanyş görkezijilerini ýokarlandyrmagyň usullaryny gözlemegi;
- oba hojalyk önümleri saklamak we gaýtadan işlemekde tehniki ulgamlaryň netijeliligini we ygtybarlylygyny ýokarlandyrmak bilen baglanyşykly barlaglary geçirmegiň meýilnamasyny, maksatnamasyny we usulyýetini işläp düzmegi;
- kynçylyk-saýpallamak usulyny ulanmak arkaly oba hojalyk önümleriniň sertifikasiýasyny, synagyň hilini üpjün edýän işleriň analizini, sintezini we netijeliligini ýokarlandyrmagy;
- köp ugurly meselelerde netijeli çözgüdi tapmagy;
- oba hojalygynda tehnologik işleriň, şeýle hem elektrikleşdirilen we awtomatlaşdyrylan maşynlaryň hem-de gurnawlaryň könelen detallarynyň görkezijilerini we kadalaryny dikeltmek, berkitmek boýunça ylmy-barlaglarda täze usullary we tehniki serişdeleri işläp düzmegi;
- taslamanyň maksadyny we meýilnamasyny düzmegi, maksada ýetmek üçin ölçeglerini we görkezijilerini aýdyňlaşdyrmagy, meseleleri çözmekde dürli nukdaýnazarlary hasaba almak bilen baş maksatlary ýüze çykarmagy;
- hünär işiniň obýektleriniň taslamalaryny işläp düzmegi;
- oba hojalyk önümlerini öndürmekde, saklamakda we gaýtadan işlemekde, şeýle hem maşynlaryň tehniki hyzmaty we abatlamak işleri geçirlende, könelen şaýlary dikeltmek we gurluşy ýönekeýleşdirmek işlerini mehanizmleşdirmekde täze

serişdeleriň tehniki şertlerini, standartlaryny we tehniki beýanyny işläp düzmäge;

- meseläniň çözgütleriniň, netijäni çaklamagyň umumylaşdyrylan görnüşlerini işläp düzmegi.

Kär häsiýetnamasynyň ähli şertlerini şu hünär boýunça hünärmenleri taýýarlaýan ýokary okuw mekdebi hem-de dolandyryjy guramalar gyşarnyksyz ýerine ýetirmelidir. Kär häsiýetnamasy hünärmenleri taýýarlaýan bilim edaralarynyň, hünärmeniň hünär derejesini ýokarlandyrýan edaralaryň okuw meýilnamasyny düzmekde esasnama we iş ýazgysy bolup hyzmat etmelidir.

Kär häsiýetnamasyna ylmyň we tehnikanyň gazananlaryna esaslanan üýtgetmeler we goşmaçalar diňe Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň hem-de Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň ylalaşmagy esasynda girizilip bilner.